# Bu ýerde uruş ýok, ýagny ýok ýaly, ýagny bar, ýöne…

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bu ýerde uruş ýok, ýagny ýok ýaly, ýagny bar, ýöne… BU ÝERDE URUŞ ÝOK, ÝAGNY ÝOK ÝALY, ÝAGNY BAR, ÝÖNE…



*Ruslara urşuñ täsiriniñ ýetmeýändigini aýdýanlaram bar, tersini pikir edýänlerem*
Russiýadan täsin başdan geçirmeler bilen gaýdyp geldim. Käbirleriñize üýtgeşik ýeri ýok ýaly-da bolup biler, ýöne birini şumat dykgatyñyza ýetirmek isleýärin.
Uzak wagtlap görmedik köne rus dostum bilen görüşdim. Birnäçe temadan gürrüñ etdik. Gürrüñimiziñ arasynda oña sorag berdim:
– Russiýa-Ukraina çaknyşyklary seniñ we ýakynlaryñ durmuşyna täsirini ýetirýärmi? Aýratynam Kursk wakasyndan soñ?
Ol birnäçe sekuntlap dymdy. Soñra maña sorag berdi:

– Kursk wakasy diýende nämäni göz öňüne tutýarsyň?
Bu gezek säginme gezegi mendedi. Bu soragy nämüçin berendigime düşünmändim.
– Ukraina 6-njy awgustda Kursk şäheriniň bir bölegine çozd-a! Şony soraýan elbetde.
Gözleri mölerdi. Kellesini burdy. Bu gezek köpräk dymandan soň ýene sorag bilen ýüzlendi:
– Hakan, hakykatdanam näme diýýäniňe düşünmedim. Kurskda näme bolupdyr eýse?
Men oňa jogap berip ýetişmänkäm, sözüniň üstüni ýetirdi:
Men uzak wagt bäri habarlara seretmesem näme. Uruş barada hiç zat eşdesim gelenok. Ýöne Kurskda tanyş-bilişlerim-ä bardy. Sen aýtdyň welin, olary alada etdim.
Onuň aladaly ýüzüni görüp menem näme diýjegimi bilmän galdym.
Tanşym elli ýaşlaryndaky, iki ýokary okuw jaýyny tamamlan, 4-5 dil bilýän, bilimli adam. Meniň pikirimçe «bütin dünýäniň bilýän» zadyny ol Moskwada ýaşabam nädip bilmeýärkä!

* * *

Soňky duşuşygym syýasat dünýäsine ýakyn rus tanşym bilen boldy. Bile kofe içip otyrkam oňa ýokarky gürrüňimi aýdyp berdim. Muny aýdyp durkam endam-janymy düýnki geň galyjylygymyň gurşap alandygyny duýýardym. Ol bolsa özüni diýseň arkaýyn alyp barýardy. Soňra maňa sowukganlylyk bilen açyk-aýdyň düşündirdi:
– Seniň gije-gündiz habarlary sypdyrman görýän biri bolandygyň üçin muňa düşünmekde kynçylyk çekýäniňi bilýärin. Ýöne ynanaý, bular ýaly millionlarça adam bar biziň ýurdumyzda. Olaryň uruş baradaky habarlara gözleri we gulaklary ýumuk.
Munuň sebäbini soramazdan başga içýakgyç sorag beresim geldi:
– Ruslaryň tradision taýdan syýasatdan daşda durma we häkimiýete ynanma häsiýetiniň netijesimi bu?
– Olar ýalam diýip bilersiň. Ýöne meň pikirimçe bular ýaly ýagdaýlara başga ýurtlarda-da gabat gelip bolýar. Bir ýerlerde uruş bolup durka, başga ýerlerde durmuş öňküsi ýaly dowam edýär. Munuň özi belli bir derejede çäkleri gorama meselesi.

Durup bilmän sorag berdim:
– Çäkleri goramak diýýäňmi? Iki ýarym ýylda iki tarapdan bir milliondan gowrak adam öldi we ýaralandy. Üstesine näçe gezek Moskwa dron atyldy. Bir aýal öldi…
– Bilýän, bilýän, ýöne şonda-da aýdýanlarymyň dogrudygyna ynanaý.
– «Lewada» ylmy-barlag merkeziniň pikir soralşygynyň netijesine görä, rus halkynyň ýarsyna golaýy «indi ýaraşyk şertnamalaryny baglaşmak üçin duşuşyklar geçirilsin» diýenmiş. Ýagny uruşa garşy…
Ol sözümi kesdi:
– Metbugatda çap edilýän şular ýaly pikir soralşyklaryň ýekesine-de ynanyp bolmaýar. «Lewada» kimden sorapdyr, nähili sorapdyr? «Urşa garşymyň?» ýa-da «Ýaraşyk baglaşylsynmy?» diýilse, bolmanda-da köp adam «hawa» diýer…
Dymdym.

* * *

Makalalarymda we wideoprogrammalarymda rus jemgyýetiniň aglaba böleginiň uruş meselesinde sesini çykarmaýandygyny, durmuşlaryny öňküsi ýaly imisala dowam etdirýändiklerini aýdypdym. Emma wagtal-wagtal menem geň galýaryn.
Elbetde, adamlaryň dymmalarynda gorkynyňam paýy paýy bar.
Russiýada ýaşaýam käbir okyjylar we tomaşaçylar kämahal esasly ýagdaýda meniň aýdýanlaryma garşy çykýarlar, meni tankyt edýärler. Çünki olar uruşdan ýaramaz täsirlenen köp sanly adamlary tanaýar. Ukrainada garyndaş-dogan ilteşigi bolan azyndan millionlarça rus bar. Heý-de täsirlenmän bolarmy!
2022-nji ýylyň fewral aýyndan bäri mobilizasiýada harby gulluga alynan we fronta ugradylan esgerleriň ene-atalarynyň bildiren protestlerinden başga barmak büküp sanaýmalyja demonstrasiýalar boldy. Uruşyň parahat durmuşa täsirini ýetirýändigini görkezýän wakalaram gaty kän däl. Hususanam Moskwada we Peterburgda şeýle. Çünki bu iki şäheriň aýratyn möhüm ähmiýeti bar. Häkimiýet bu iki şähere aýratyn üns berýär. Bu ýerlerden fronta ugradylýanlaram, uruşda wepat

bolanlaram juda az.
Ýitgiler köplenç garyp respublikalardan we şäherlerden.
Birnäçe wagt bäri Russiýa ep-esli pul töläp, goşuna hakynatutma esgerleri alýar. Bu boýunça baglaşylýan şertnamanyň umumy bahasy iki million rubla golaýlady. Aýlyklar 200 müň rubl töweregi.
Soňky wagtlarda käbir rus ýaşlarynyň «urşa gidip hem-ä pul gazanaryn, hemem hormatlanýan adamlaryň biri bolaryn» diýýändigi gulagyma ilýär.
Bular geň, gussaly, gynançly üýtgeşmeler. Adam hemişe hemme zada düşünmeýär. Üstesine bu ýagdaý diňe «daşardan seredilende» şeýle däl.
Iki aý öň häzir adyny aýdyp bilmejek bir tanşym şeýle diýipdi:
– Halkyň ullakan garşylyk görkezmejegini öňem bilýärdim. Ýöne dogrymy aýtsam, bular ýaly uzaga çeken çaknyşyklarda beýle dymyşlygy göz öňüne-de getirmändim.
Gaýtadan soňky duşuşygyma gaýdyp geleýin. Tanşyma berjek bolan soragym şudy:
– Siz ýygy-ýygydan taryhyňyz hakda aýdanda: «biz ruslar uzak wagtlap ümsüm durup, soňam birden aýaga galaýmamyz bar» diýen ýaly magtanmalary gowy görýärsiňiz…
Ol sözümi tamamlamaga pursat bermedi:
– Bu zatlar barada hiç zat aýdyp biljek däl.
Ol pessaý gülümsireme bilen töweregine göz aýlady-da, sessizje kofesini owurtlady.

Hakan AKSAÝ.

@AksayHakan
aksayhakan@gmail.com

«T24» internet gazeti, 12.10.2024 ý. Publisistika